***Kerwen gurap gelýän ýyllaryň her biri täze ýeňişlere, üstünliklere beslenýär. Taryha altyn harplar bilen ýazylan 2025-nji ýyl ornuny ajaýyp zamanamyzyň täze ýylyna — 2026-njy ýyla berýär. Şu pursatlarda ýurdumyzyň ýene bir geçen döwrüniň jemleri jemlenilýär hem-de geljek üçin anyk meýilnamalar düzülýär. Tutuş Diýarymyz baýramçylyk keşbine girýär, Watanymyzyň her bir künjeginde ýokary ruhubelentlik ýagdaýy emele gelýär. Munuň özi döwletlilikden nyşandyr.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly halkymyz üçin düşümli, döwletli ýyllaryň biri boldy. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi üçin asylly işler dowam etdirildi. Maksatlar myrat tapyp, iri taslamalar üstünlikli amala aşyryldy. Şanly ýylymyzyň jemleýji günlerinde hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýylda geçirilen halkara ders bäsleşikleriniň hem-de sport ýaryşlarynyň ýeňijilerini sylaglamagy bolsa iň täze taryhymyza möhüm sahypa bolup ýazyldy.

Şu günlerde ýurdumyzyň ähli künjegindeTäze ýyl mynasybetli baýramçylyk dabaralary, aýdym-sazly konsertler geçirilýär. Dünýä giňişliginde adamzadyň ýagşy umytlar, nurana arzuwlar bilen söýüp garşylaýan Täze ýyl baýramy ýurdumyzyň dürli künjeklerinde bagtyýar maşgalalaryň bereketli ojaklarynda agzybirligiň, bagtyýarlygyň aýdyň nyşanyna öwrülip, şatlyk-şowhun bilen dabaralandyrylýar. Ýakymly pursatlara beslenýän baýramçylyk ynsan kalbyny şatlykdan dolduryp, adamlaryň ruhubelentligini artdyrýar.

Goý, Täze, 2026-njy ýyl hem iň ýakymly duýgularyň, belent ösüşleriň ýyly bolsun! Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzy hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, mähriban halkymyzy Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys. Täze ýyl her birimize rysgal-bereket getirsin!

**Göwher TAHYROWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

Все права защищены